Ýady öwrenmäge assosianistik çemeleşiş barada fransuz filosofy Bergson “Materiýa we ýat” diýen işinde gürrüň edýär. Onuň beýan eden “Ruhuň ýady” atly ýadyň täze görnüşi psihologiýada täze uly mesele hökmünde girýär we ylmy barlaglaryň predmetine öwrülýär.

P.Žane adamyň ýadynyň sosial tebigaty baradaky şaklamany öňe sürýär. Ol mnemiki meseleler diňe adamlaryň jemgyyetinde, bir adamdan beýleki adama maglumat geçirmek maksady bilen baglanyşykda ýüze çykyp biler diýip hasap edýär (“ýat-gürrüň”).

F. Barlett öz tejribelerinde sözmaglumatlarynyň gaýtadan dikeldilmeginiň aralaşdyrylan häsiýetini görkezýär. Adamyň şahsy gönükdirmesini şöhlelendirýän içki çyzgylar konsepsiýasy hem oňa degişlidir. Erkli ýadyň ontogenetik ösüş meselesine rus alymlary Blonskiý Wygodskiý, Leonew dagy ulyçaganyň we uly adamyň özara gatnaşygyna çäklenýän we ilki başda material keşbi bolan, mnemiki serişdeleriň interiazasiýasy baradaky çaklamany subut edýärler. Olaryň pikirine görä ontogenezde erkli aralaşdyrylan ýat tutmanyň ösmegi adam medeniýetinde ýadyňösmek ýoly gaýtalanýar.

Zinçenko we Smirnowa erksiz ýatda galdyrmanyň işjeňlige –onuň predmet mazmunyna, ugrukdyrylma, gurluşa, motiwlere we ş.m. baglydygyny subut edýärler.

L. Freýd ýatdan çykarma, ol ýa-da beýleki duýgular bilen baglanyşykly trawmirleýän affekti we oňaýsyz motiwler gysyp çykarmak mehanizmi bilen baglydygyny üstüni açýar. Lewiniň, Birenbaumyň, Leýgarnigiň işleri ol ýa-da beyleki meseläni çözmäge gatnaşýan ýat adamyň aňlaýan meýilleriniň we maksatlarynyň dinamikasy bilen kesgitlenilýändigini görkezýär.

Häzirki döwürde ýady kognitiw psihologiýanyň çäginde derňemek ginden ýaýrandyr. Şu wagt ýat yzlaryny diňe bir anatomo-fiziologik dal-de, eýsem molekulýar derejede we beýniň bioelektrik işjeňligi derejesinde öwrenilýär. Ýat mehanizmiň assosiatiw –reflektor derejesinde düşündirilişi has çuňdyr. Alymlar materiýanyň hereket hormalarynyň himiki we elektrik derejesinde ýadyň syrlaryny öwrendiler.

Psihologiýanyň meselesi –ýady şahsyýetiň ýüze çykmagy hökmünde seretmek.

Soňky wagtlarda ýadyň salmak, ýatda saklamak we yzlary gaýtadan dikeltmek prosesleri bilen baglanyşykly derňewler ýüze çykýarlar. Yzlaryň kem-kemden berkidilmek prosesi (konsolidasiýa), olaryň berkleşmegi üçin gerek bolan wagt we olaryň bozulmagyna getirýän şertleri öwrenýän barlag ulgamlary peýda bolýarlar. Ýat, ýadyňa galdyrmak, uzak wagtlap saklamak, doly we takyk täzeden dikeltmek ýaly işleri geçirmek arkaly ösýär. Netijede adam näçe köp bilýän bolsa, öňki bilýän zatlary bilen assosirläp we baglanyşdyryp täze ýatlary ýatda saklamak aňsat düşýär. Adamyň ýaşy bilen ýat peselýär, ýöne hünär (professional)

Все права защищены

ýady peselmeýär, gaýtam ýokarlanýar. Bularyň hemmesi ýat psihiki hadysa hökmünde diňe bir tebigy berlen zatlar däldir, ol maksada gönükdirilen terbiýäniň netijesidir diýen netije çykarmaga mümkinçilik berýärler.

**Nowruz REJEPOW**
**Türkmen döwlet**
**binagärlik – gurluşyk**
**institutynyň talyby**

Все права защищены